Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň
2024-nji ýylyň 16-njy fewralynda çykaran 34-iş belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň konsepsiýasyny işläp düzmegiň gözükdirijisini tassyklamak hakynda»**

2021-nji ýylyň 5-nji iýunynda kabul edilen “Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasynyň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň konsepsiýasyny işläp düzmegiň gözükdirijisini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň degişli orunbasary amala aşyrmaly.

**Ministr** **S. Joraýew**

Türkmenistanyň Maliýe we
ykdysadyýet ministriniň
2024-nji ýylyň 16-njy fewralynda
çykaran 34-iş belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň konsepsiýasyny işläp düzmegiň Gözükdirijisi**

1. Şu Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň konsepsiýasyny işläp düzmegiň gözükdirijisi (mundan beýläk - Gözükdiriji) 2021-nji ýylyň 5-nji iýunynda kabul edilen "Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk - Kanun) 8-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň (mundan beýläk - Ministrlik) üstüne ýüklenen ygtyýarlyklaryny durmuşa geçirmek maksady bilen işlenilip taýýarlanyldy.

2. Gözükdirijide ulanylýan ähli düşünjeler Kanunda görkezilen düşünjelere laýyklykda ulanylýar.

3. Şu Gözükdirijiniň talaplaryna laýyklykda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň konsepsiýasy (mundan beýläk - Konsepsiýa) Türkmenistanyň adyndan çykyş edýän ýerine ýetiriji häkimiýetiň edaralary, şeýle hem oňa Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýarlandyrylan beýleki edaralar (guramalar) (mundan beýläk – Döwlet başyny başlaýjy) tarapyndan we döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda ylalaşygy baglaşan ýuridik şahs (esaslyk maýasynyň 50 göterimden ýokary paýy döwlete degişli bolan ýuridik şahsdan başga), daşary ýurt guramasy, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahs-hususy telekeçi (mundan beýläk - Hususy başyny başlaýjy) tarapyndan işlenip taýýarlanylýar we tassyklanylýar.

4. Konsepsiýany, Döwlet başyny başlaýjy ygtyýarlygyna girýän ykdysady we durmuş çygyrlarynyň ileri tutulýan ugurlary boýunça döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň rejeliligini we netijeliligini hem-de onuň amatly görnüşiniň ýüze çykarylmagyny üpjün edýän deslapky maliýe hasaplamalary esasynda, şulary hasaba almak bilen işläp düzýär:

1) döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň maliýe-ykdysady netijeliliginiň görkezijilerini;

2) döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda ylalaşyga laýyklykda hususy hyzmatdaş tarapyndan taslamalaşdyrylýan, döredilýän, maliýeleşdirilýän, durky täzelenilýän, ulanylýan ýa-da hyzmat edilýän döwlet-hususy hyzmatdaşlygy obýektiniň düzümini we ölçeglerini;

3) hususy hyzmatdaşyň maýa goýumlarynyň garaşylýan möçberini we Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilmeginiň çak edilýän möçberini;

4) döwlet we hususy hyzmatdaşlaryň borçnamalaryny;

5) hususy hyzmatdaşa berilýän döwlet goldawynyň görnüşlerini;

6) gepleşikleri geçirmegiň möhletlerini;

7) döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň obýektiniň peýdalanylmagy bilen berilýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) elýeterliliginiň şertlerini;

Ilatyň, harytlary (işleri, hyzmatlary) sarp edijileriň, peýdalanyjylaryň bähbitlerini hasaba almak maksady bilen, döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasyny taýýarlamak jemgyýetçilik ara alyp maslahatlaşmalary bilen ugurdaşlykda bolup biler.

5. Hususy başyny başlaýjy döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň wezipeleriniň ýerine ýetirilmeginde täzeçilikli çemeleşmeleri ulanmak arkaly, hem-de taraplaryň kabul ederlikli deň derejeli bähbitlerini özünde jemleýän we döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň rejeliligini we netijeliligini hem-de onuň amatly görnüşiniň ýüze çykarylmagyny üpjün edýän deslapky maliýe hasaplamalary esasynda Konsepsiýany, şulary hasaba almak bilen işläp düzýär we Ministrlik bilen ylalaşmak üçin bolup biljek döwlet hyzmatdaşyna iberýär:

1) döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň maliýe-ykdysady netijeliliginiň görkezijilerini;

2) maýa goýumlarynyň möçberini we Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilmeginiň çak edilýän möçberini;

3) Hususy başyny başlaýjy tarapyndan taslamalaşdyrylýan, döredilýän, maliýeleşdirilýän, durky täzelenilýän, ulanylýan ýa-da hyzmat edilýän döwlet-hususy hyzmatdaşlygy obýektiniň düzümini we ölçeglerini;

4) döwlet we hususy hyzmatdaşlaryň borçnamalaryny;

5) döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda ylalaşygy ýerine ýetirmek maksady bilen, Döwlet başyny başlaýjydan alynmagy göz öňünde tutulan maliýeleşdirmegiň möçberi, emläkleriň ýa-da emläk hukuklarynyň sanawyny;

6) gepleşikleri geçirmegiň möhletlerini;

7) döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň obýektiniň peýdalanylmagy bilen berilýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) elýeterliliginiň şertlerini;

8) hususy hyzmatdaş döwlet hyzmatdaşyna tölemeli tölegleriň amala aşyryljak görnüşlerini:

a) döwürleýin esasda tölenilmäge degişli kesgitlenilen möçberi;

b) birwagtlaýyn tölegi;

ç) hususy hyzmatdaşa onuň işinden tölenilmäge degişli islendik girdejileriň bellenilen bölegini.

Tölegler dürli görnüşleriniň sazlaşygyny göz öňünde tutup biler.

6. Şu Gözükdirijiniň dördünji we bäşinji bölegine laýyklykda işlenip düzülen Konsepsiýasyny Döwlet başyny başlaýjy ýa-da Hususy başyny başlaýjy umumy bahasy bellenen aňryçäk mukdaryň çäklerindäki Konsepsiýany Ministrlik bilen ylalaşmak esasynda özbaşdak tassyklaýar.

Umumy bahasy bellenen aňryçäk mukdardan ýokary möçberdäki döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň konsepsiýasynyň tassyklanylmagy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan amala aşyrylýar.

7. Şu Gözükdirijiniň dördünji we bäşinji böleklerine laýyklykda işlenip düzülen Konsepsiýanyň makullanylmagy üçin Döwlet başyny başlaýjy Ministrlige iberýär. Bu Konsepsiýa Ministrlige hödürlenen gününden başlap 10 (on) iş gününiň

dowamynda Ministrligiň degişli bölümi tarapyndan barlanylýar hem-de Ministirlik tarapyndan makullanylýar, ret edilýär ýa-da gutarnykly işlenilmegi üçin gaýtarylýar.

8. Ministrlige hödürlenen Umumy bahasy bellenen aňryçäk mukdardan ýokary möçberdäki döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň Konsepsiýasyny Ministrligiň degişli bölümi tarapyndan 10 (on) iş gününiň dowamynda barlanylýar hem-de talaba laýyk bolan ýagdaýynda, Ministrlik 2 (iki) iş gününiň dowamynda Konsepsiýanyň tassyklanylmagy üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine teklip iberilýär.

9. Umumy bahasy bellenen aňryçäk mukdardan ýokary möçberdäki döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň Konsepsiýasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanandan soň hem-de şu Gözükdirijiniň altynjy böleginiň birinji tesmindäki Konsepsiýasy Ministrlige gelen gününden soň 7 (ýedi) iş günüň dowamynda Ministrligiň degişli bölümi tarapyndan Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamalarynyň sanawyna bellenen tertipde goşulýar.

10. Ministrlik Konsepsiýany Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamalarynyň sanawa goşan güni Döwlet başyny başlaýja ýa-da Hususy başyny başlaýja resmi ýa-da elektron poçta arkaly hat ugradýar.

11. Konsepsiýa Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamalarynyň sanawyna goşulandan soň, Döwlet hyzmatdaşy otuz senenama gününiň dowamynda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň taýýarlanylmagy we amala aşyrylmagy hakynda çözgüt kabul edýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2024-nji ýylyň 23-nji martynda 1779 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.